# Manaman

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Manaman MANAMAN

Manaman,
Manaman,
gözümden uçduñ,
Bilýän, çümeniñi ümür-dumana.
Sen meñ ýüregime salypsyñ uçgun,
Men sygynyp ýörün seniñ dogaña.

Manaman,
Manaman,
Men señ dowamyñ,
Şähere göçsemem, örküm üzmedim.
Ynansañ, men seniñ dury howaña
Çalyşmaryn şäheriñ bar lezzetin.

Gaýañ eteginde Durdy Mergeniñ
Üzümleri daga-daşa dyrmaşýar.
Manaman,
Manaman,
ägirt gerdeniñ,
Gerdeniñde meniñ kalbym ýerleşýär.

Meniñ atam bardy,
bardy meñ kakam,
Olar baky uka gitdi goýnuñda.
Men niçeme ýyllap tutsam-da matam,
Saña yşkym kememedi göwnümde.

Manaman,
Sen meniñ düýbüm-teýkarym,
Manaman – düñderlen gämisi Nuhuñ.
Manaman – sen meniñ ähti-peýmanym,
Manaman – sen meniñ namysym-ruhum.